# GEPATIT C

## SIZ NÄME BILMELI?

www.saglyk.org

## Gepatit C näme?

Bu bagry zeperleýän howply wirus arkaly döreýän keseldir



## Nädip ýokuşýar?



- Bedene gan guýmalar
- Jynsy gatnaşyklar
- Hapa şprisler
- Hapa gigiýeniki serişdeler
- Arassalanmadyk lukmançylyk gurallary
- Göwreli eneden göwredäki çaga

## Haçan ýokuşyp bilmeýär?



- Gap-gaçlar arkaly
- Üsgürme we asgyrma arkaly
- Öpüşmek we gujaklaşmak arkaly
- Mör-möjekleriň çakmagy arkaly
- Emdirme arkaly

## Keseliň alamatlary



- Ýüregiň bulanmagy we gaýtarma
- Deriniň we gözüň agynyň saralmagy
- Bagryň ulalmagy

## Haçan barlagdan geçmeli?

- Keselli neşekeşden alnan şpris ulanylan bolsa;
- Keselli donoryň gany guýlan bolsa;
- Bedene agza (transplantat) oturdylanda;
- Näsag bilen jynsy gatnaşykda bolan bolsaň;
- Näsagyň şahsy serişdelerini (päki, diş çotga, dyrnak gaýçysy) ulanan bolsaň;
- Rugsatnamasyz işleýän tatu we pedikýur salonlaryna baran bolsaň;
- Ejeňde bu kesel bar bolsa;
- Zyýansyzlandyrma düzgünleri doly berjaý edilmezden lukmançylyk çäreleri geçirilen bolsa (diş sogurma, sanjym etme, gan guýulma).

## Gepatit C keselini bejerip bolýarmy?

- Täze bejergi usullary bedeni wirusdan doly arassalamaga mümkinçilik berip, howply gaýraüzülmeleriň öňüni almaga kömek berýär.

## Keseliň öňüni alyş ýollary

- Şahsy gigiýeniki serişdeleriňizi diňe özüňiz ulanyň.
- Lukmançylyk edaralaryna ýüz tutanyňyzda hemme bejeriş çäreleriniň bir gezek ulanylýan gurallar bilen geçirilýändigine güwä geçiň;
- Tatuaž ýa-da gözellik salonlaryna baranyňyzda, hünärmenleriň arassaçylyk düzgünlerini berjaý edip, bir gezek ulanylýan gurallar bilen işleýändigine üns beriň;
- Eger siz lukmançylyk ulgamynyň işgäri bolsaňyz, ýiti lukmançylyk gurallary we adamyň biologiki suwuklyklary (gan, peşew, döl, jynshana nemi we ş.m.) bilen işläniňizde goraýyş düzgünlerini doly berjaý ediň.